# ÝABANY ÖSÜMLIK WE HAÝWANAT DÜNÝÄSINIŇ ÝITIP GITMEK HOWPY GÖRNÜŞLERINIŇ HALKARA SÖWDASY HAKYNDAKY KONWENSIÝA (CITES)

## GYSGAÇA MAGLUMAT

Ýabany ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň halkara söwdasy hakyndaky konwensiýa (CITES ýa-da Waşington konwensiýasy) Ýer ýüzünde ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamaklyga gönükdirilen iň täsirli halkara ylalaşyklaryndan biri bolup durýar. Konwensiýanyň teksti 1973-nji ýylyň 13-nji martynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Waşington şäherinde (Kolumbiýa okrugy) 80 ýurduň wekilleriniň gatnaşmagynda gol çekilip kabul edildi, konwensiýa 1975-nji ýylyň 1-nji iýulynda güýje girdi. Häzirki wagtda dünýäniň 185 döwleti bu konwensiýanyň tarapydyr.

Türkmenistanyň Mejlisi CITES konwensiýasynyň 2024-nji ýylyň 13-nji iýulynda tassyklady, 2025-nji ýylyň 2-nji ýanwaryndan onuň doly ygtyýarly tarapy boldy.

## ESASY MAKSADY

CITES konwensiýasynyň esasy maksady haýwanlaryň we ösümlikleriň ýabany ýabany görnüşleriniň söwdasy netijesinde olaryň ýitip gitmekligine bolan howpuň ösüni almaklygy üpjün etmekden ybaratdyr. Konwensiýa ony ykrar eden ýurtlaryň döwlet serhedinden haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek görnüşlerini (şol sanda olaryň böleklerini we önümlerini hem goşmak bilen) geçirmekligi kadalaşdyrýar, şeýle hem ol görnüşleri satmak, satyn almak we daşamak boýunça tertip-düzgünleri ýola goýýar.

## HÄZIRKI WAGTA ÇENLI ÝERINE ÝETIRILEN IŞLER

CITES konwensiýasyny durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistan doly derejede indi girişip ugrady, emma muňa garamazdan, öňki ýyllarda hem bu konwensiýanyň talaplaryny ýerine ýetirmek boýunça yzygiderli degişli işleri geçirdi, hususan-da konwensiýanyň 1-nji we 2-nji sanawlaryna girizilen görnüşleri ýurduň daşyna bikanun çykarylmagyna ýa-da ýurduň içine getirilmegine ýol bermezlik boýunça işler alnyp barylýar.

**MEÝILLEŞDIRILÝÄN ÇÄRELER**

Islendik ýurduň Waşington konwensiýasyna girendigine ýa-da girmedigine garamazdan, onuň sanawyna girizilen görnüşler bilen baglanşykly ýurtdan çykaryş-getiriş we ýurduň üstünden geçiriş işleri diňe CITES-iň Sekretariaty bilen ylalaşylyp bellenen Dolandyryş edarasy tarapyndan berilýän rugsatnama esasynda amala aşyrylýar. Şeýle rugsatnama döwlet tarapyndan bellenen Ylmy edaranyň oňyn netijenamasy esasynda berilýär.

Şoluň üçin hem, ilkinji nobatda Türkmenistan boýunça bellenilen ygtyýarly Dolandyryş edarasy we Ylmy edarasy barada degişli maglumatlar konwensiýanyň Sekretariatyna ugradylmaly.

Şeýle hem, konwensiýa boýunça ýyllyk hasabaty taýýarlap, konwensiýanyň Sekretariatyna ugratmaly.